# Senden özge, eý, senem, bu jümle duşmandyr maňa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Senden özge, eý, senem, bu jümle duşmandyr maňa…




Senden özge, eý, senem, bu jümle duşmandyr maňa,
Dost tutmaz kim seni, bil, ol ki duşmandyr maňa.
Ten içinde jan ki diýrler sagynar men, men seni
Fi-l-mesel yşkyň onuň daşyndaky tendir maňa.

Dünýä gözüme garaňky görüner, eý, dilruba,
Tä seniň şemgy-jemalyň birle röwşendir maňa.

Bolmuşam Behlul kibi diwana yşkyňdan seniň,
Kaýda weýranhana ýerler bolsa, mesgendir maňa.

Dünýäniň bu bagy-gülzaryn neter men, Gaýyby,
Ýarymyň ziba jemaly bagy-gülşendir maňa. Goşgular